# Bu işde sferalaýyn galplyk bar!

Category: Jemgyýetçilik tankydy,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Bu işde sferalaýyn galplyk bar! BU IŞDE SFERALAÝYN GALPLYK BAR!




Hytaýyň döwlet saglygy goraýyş komissiýasy koronawirus epidemiýasynyň ýüze çykan Uhan şäherinde saglyk bejergisini alan ähli näsaglaryň öýlerine goýberilendigini mälim etdi. Komissiýanyň wekili Mi Feng häzir Uhanda koronawirus keseli ýolugyp ýatan ýeke näsagyňam ýokdugyny we bu uly üstünligiň gazanylmagynda işine ezber lukmanlaryň aýratyn uly paýynyň bardygyny nygtady.

■ **Ýeri indi näme boldy? Hytaýda epidemiýa togtadymy?**

Uhanda hakykatdanam koronawirus epidemiýasy, ýagny dümewe meňzeş wirusdan gelip çykan ýokanç kesel döwlet aýaga galdyryp bilýän bolsa, hassahanadaky näsaglary öýlerine goýbereniň bilen onuň öňüni almak mümkinmikä?

Eger Hytaýda ähli näsaglar sagaldy hasap edilip öýlerine goýberilýän bolsa we häzir kesele ýolugan täze näsag ýok bolsa, onda bu kesel koronawirus epidemiýasy däl!

Koronawirus barada häzirem teleýaýlymlarda ýarganat hekaýatlary aýdylyp gelinýär. Dümew kesellerine degişli bolup, mutasiýa (üýtgeşme, özgerme) geçirenem bolsa, bu wirus adamzat döräli bäri bar. Şonuň üçin köplenç pasyl çalşygynda keselleriň biri gutarsa biri başlaýar. Munuňam üstesine, AIDS

wirusy bilen döremän geçen korona wirusynyň anyk döreýiş sebäplerini hiç kim düşündirip bilenok…

* * *

ABŞ bilen bir hatarda birnäçe ýurtda epidemiýanyň on sekiz aýlap dowam etjegini aýdýanlar bar. Muny aýdýanam hut Bill Geýts!
Eger şeýle bolsa, bir tarapdan Bill Geýts, bir tarapdan Hytaý döwleti, bir tarapdanam sferalaýyn epidemiýanyň ýaýrandygyny mälim eden Bütindünýä Saglygy goraýyş guramasy bütin dünýäni aldaýarlar!
Eger şeýle bolsa, bütin jahana ýaýran wirus Hytaýyň Uhan şäherinden başga şäherine, welaýatyna näme üçin ýaýramadyka? Şäherde hernäçe berk karantin yglan etseňiz ediň, eger kesel haýsydyr bir wirusdan dörän bolsa, daş-töwerege ýaýramazlygy mümkin zatmy beri?
Hytaý hökümeti karantini goşunyň we polisiýanyň kömegi bilen yglan etmedimi näme? Karantinde gulluk borjuny berjaý eden harby gullukçylaryndan we polisiýa işgärlerinden ýekeje-de koronawirusa ýolugany ýokmuka?
Özem Hytaýda epidemiýa dowam edip durka ýurduň içerki ýagdaýy hiç zat bolmadyk ýaly dowam etdi.
Günorta Amerikadaky ýerli indeý taýpalaryna çenli baryp ýeten wirus Uhanda nädip daşyny gabadyp, özüni "tussag" etdirip bildikä? Eýse size ynandyryjy eşdilýärmi şolaryň aýdýanlary?

* * *

"Iň soňky näsag bejerilip öýüne goýberildi" diýilýän habar dogry bolýan bolsa, onda, Hytaý hökümeti adam organizminiň öýjükleriniň ýarylmagyna we öýjükleriň içinden çylan ekzosomlaryň gana garyşmagyna, şonluk bilen ähli organizmiň zäherlenmegine, gatamagyna, himiki radiasiýa şert döredýän, dem almany kynlaşdyrýan, ýüregiň işleýşini duruzýan ýa-da beýnä gan inmegine we hususanam ölüme ýol açýan keseliňem bejergisini bilýän bolarly.
Özem hem Bill Geýts, hem Hytaý, hemem Bütindünýä Saglygy

goraýyş guramasy dünýäniñ galn böleginiñ bilmeýän maglumatlaryna eýe, şol sanda olar pandemiýanyñ getirjek netijesini öñünden aýdýarlar, onuñ tejribe synagyny geçirýärler we ýene näçe wagta çenli dowam etjeginu bilýärler. Elbetde, "Hytaýyñ çäklerinden daşarda" näçe wagta çenli dowam etjeginem…

* * *

Bärde akyla, mantyga sygmaýan, ylyma ters gelýän bir ýagdaý bar! Emma hiç kimden ses çykanok! Türkiýäniñ TRT döwlet teleýaýlymynda hytaýly lukmanlaryñ çykyş edýän wideoýazgylarynda ýarganat gowaklary görkezilýär! Ýer ýüzüniñ halk köpçüliginiñ muña ynanmagyny isleýärler! Ýeri, ýagdaýyñ şeýledigi görnüp durka, TRT näme üçin bu galplyga şärikdeşlik edýärkä?
TRT diýmek – döwletiñ resmi garaýşy, resmi ýüzi diýmekdir. Türkiýe Hytaý merkezli elektron dünýä düzgünine tabyn boldumyka, TRT Hytaýyñ toslap tapýan ýalan-ýaşryk habarlaryny Serengetide saýgaklaryñ göçünden söz açýan dokumental gepleşik ýaly soraman-indemän, seljermän ýaýlyma goýberip otyr?
Ýeri gelende bir zat aýdaýyn: şü Serengeti dokumental filmlerini-de mazaly seljerip, soñ ýaýlyma goýbermeli. Günüñ ýigrimi dört sagadynda zebralary, saýgaklary, keýikleri, jerenleri ýolbarslardyr gaplañlaryñ wagşylyk bilen parçalaýşyna äwmezeklik bilen tomaşa edýän adamlaryñ añastynda güýçlä garşy gaçmakdan başga çäräniñ ýokdugy, minneti aýagyndan çekýän ýüwrük jandarlaryñ gaçyp gutulany bilenem sürüdäki garrylaryñ, çamanlaryñ, ýagny sürüniñ belli bir böleginiñ parçalanmagynyñ gutulgysyzdygyny şertlendirmeýärlermi? Edil häzirki şertlendirme ýaly…
Epidemiýa meselesinde dünýäniñ boýnuna dakylmak islenýän toslamalara boýun egmek – garrylary elin gurban etmekdir, ýaşlary zamun bermekdir, gulçulyk düzgünine razy bolmakdyr. Adamzat häzir "wirus" patarrakysy bilen göz-görtele aldawa düşürilýär.

Arslan BULUT,

arslanbulut@yenicaggazetesi.com.tr

27.04.2020 ý, "YENIÇAĞ" gazeti.

Terjime eden: Guwanç MÄMILIÝEW,
Stambul uniwersitetiniñ talyby. Jemgyýetçilik tankydy